# Namys ýesiri / powest

Category: Goşgular,Kitapcy,Medisina,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Namys ýesiri / powest NAMYS ÝESIRI

*Hormatly okyjy!*
*Doly güýjümde işläp bilmändigim zerarly ýüze çykyp biläýjek käbir kemçilikler üçin ötünç soraýaryn…*
**Awtor.**

1.

Ýurdy endireden tutha-tutlyk döwrüniň iň bir aldym-berdimli ýyly bolan, müň dokuz ýüz otuz ýedinji ýylyň güýzi, adamlaryň göwnüne bolmasa, hemişekilerine garanda has gazaply gelen ýaly boldy.
Ot-çöpler hazan urup mizan çalandan soň, kolhozyň maýda ekinler ekýän gökçülik brigadasynyň aglabasy aýal-gyzlardan ybarat daýhanlary bu gezegem hemişekileri ýaly hasyly sowlup, çyp-ýalaňaç galan çöp-çöňürlerden arassalamaga girişdiler.
Adatça olar çöpleri bir gyra üýşürip otlaýýardylar, soňky wagtlarda aýallaryň haýsydyr biriniň göreldesine eýerip, çöpleriň pomidor, badamjan ýaly birneme agaçlyraklaryny tamdyr towy üçin arkalaryna alyp, öýlerine äkitmäni çykardylar.
Çöp-çöňürlerden boşan meýdany üç ýyl mundan öň mekdebi gutarandan soň, iki ýyl MTS-e gatnap, raýon möçberinde iň ökde şofýor hem traktorçy hasap edilýän edilýän Bykowskiniň elinde tälim alan Gökböri agdaryp gidýärdi.
…Sürümiň ilkinji güni joýaly pelleriň bir çetinden girip ugran wagty, entek, kyrk-elli ädim geçip-geçmänkä, Gökböriniň öňünde garalyp duran bir üýşmek çöp göründi. Ony basgylap ötübermäge ýigidiň ynsaby çatmady. Saklandy. Traktordan böküp düşdi-de, daş-töweregine garanjaklady. «Çöp kimiňki» – diýip, gygyrjak boldy. Emma howa ümür bolansoň, kolhozçy aýal-gyzlaryň sesleri eşidilse-de, özleri görünmeýärdi. Şonuň üçinem, çöpi Gökböriniň özi gyra çykararman boldy. Şol wagtam, lemmer-

lemmer bolup ýerden göterilýän ümür-dumanyň arasy bilen sozulyp-büzülip, kä görnüp, kä ýitip ylgaşlap gelýän çepiksije gyzyň göwresi göründi.
Çöpi goltuklamak üçin bir eglen ýigit gyzyň özüne tarap gelýänini görüp dikeldi.
– Çöp siziňkimi?
Gyz sojap-sojap dem alanda ýaňy bir ujy düwmelenip ugran göwüsjagazlary telim ýola dagy galyp düşdi. Dodajyklaryny çommaldyp geplände ujy jaýtarypjyk duran burunjagazlarynyň ganatlary ýellenip gitdi. Sesi edil ýaga gowrulan dilli tüýdügiňki ýaly diýseň dury çykdy.
– Howwa, biziňki. Ejem ikimiziňki. Düýn göteribilmän goýup gitdik. Ümür bolansoň siz beýle ir gelersiňizem öýtmedik. Asla gelersiňizem öýtmedik.
Gyzyň ýüzünden gözüni aýrybilmän duran ýigit ony tanamady.
– Kimiň gyzy sen?
– Dessançy Külal bagşynyň. – Gyz indi birneme deminden düşüşdi. – Sen bizi tanamarsyň. Biz bu oba täze göçüp geldik.
– Nireden?
– Garamandan.
– Haýsy Garamandan?
– Ikinji Garamandan.
– Aýdýan-da, öz obamyzyň gyzlarynam tanabilemok diýip, öz-özüme igenip durdum. Munça bolanyna görä, adyňam aýt…
– Zerkäkil… Ejeşem diýýäler.
– Näme ady dakylanmy?
– Howwa.
– Beh!..
– Hä? Behiň näme.
– Dessançynyň gyzydygyň bes-belli-dä. Dessançy Külal bagşyny tanamaýanam, bu jelegaýda diňläp görmedigem ýokdur. Ýogsa-da, men näme üçin ony göçüp geleniňiz bäri görmändirin?
Gyzyň gözlerine ýaş aýlandy.
– Kakam ýok. Ony üç ýyl mundan ozal tutdular. Sibir etdiler. Şu tomusam onuň «öldi» haty geldi. Ony ýamanlap tutduranam şol obaň adamlary. Öz oturyşyp-turuşyp, aýdymyny diňläp ýören adamlar. Dostlary.

– Näme diýip ýamanlapdyrlar.
– Dini dessanlar aýdýa, diýip.
– Häý, zalymlar.
– Şondan soň ejem Sähetdurdy daýyma: «Bizi ol oba äkit, biz indi bu obada ýaşap bilmeris» diýdi. Şeýdibem, göçüp gaýtdyk.
– Wah-eý, bagşy agaň-a yzy ýarasyn, bolmandyr. Ýurdam garşy alsyn, ýöne, bu wagt ýamanlaşyksyz-a oba ýokdur, jigim…
Zerkäkil uludan demini aldy.
– Görübermeli borus-da. Ýöne indi bizde ýamanlara adamam ýok.
Gyz ýigidiň ýüzüne gyýalap garady.
– A seniň adyň näme?
– Gökböri.
Zerkäkil kiçijik eljagazlary bilen agzyny tutdy-da, «pyşk» etdi.
Gökböri muňa güljeginem bilmedi, gaharlanjagynam.
– Hä, näme? Näm boldy? Nämä güldüň.
– Adyň-a tüýs bilip dakypdyrlar.
Zerkäkiliň diýýäni ugrunda bardy. Gökböriniň ady dogrudanam edil düýn-öňňin, ýüzi-gözi şu kaddyna ýetenden soň dakylan ýalydy. Ýellenip duran gulaklarynyň uçlarynyň çürelip, burnunyň öňe çykyp durşuny göreniňde-de, eltip möjek sürüsine goşup gaýdybermelidi. Bir zada garaçyny bilen üşerilende dagy gulaklarynyň öňe-yza gamyldaýan pursatlaram bolaýýar. Gözlerem göm-gök. Gök diýläýýä-dä, – ýaşyl. Özem içiňden geçip barýa. Garaňky gijelerde dagy ýanýan bolmagam ahmal…
Umuman, durmuşda bir geňlig-ä bar, ýagny, Gökböriniň-ä tiresi «möjek» däl welin – aslynda türkmende «möjek» diýen tire ýogam – ýöne, ine «tilki» tiresiniň wekilleri welin, bar. Şolaryň nesilbaşylary tilkä meňzeş bolup, şol at şolardan gaýdýamy, garaz, diýseň-diýmeseň köplenç tilkä meňzeş bolup çykaýýarlar.
Umuman, Gökböri Zerkäkiliň kinaýasyna düşündi. Şonuň üçinem, gepi başga bir ýana sowaýanyny kem görmedi.
– …Mekdebe gatnaýansyň-la?
– Howwa.
– Bu gün näme bu ýerde?
– Ejeme kömekleşýän.
– Okuwdan rugsat aldyňmy?

– Bu gün okuw ýog-a. Dynç gün-ä…
– Wiý… Hä… Dogry.
– Näçinji klasda okaýaň?
– Dokuzynjy.
– Beh…
– Hä, näme?
– Şeýle kiçijegem welin, dokuzynjy klas… Menden bary-ýogy dört ýaş kiçi.
Müjiniň aşygy ýaly şeýle naşyjadygyna garamazdan, gyz diýseň gepe çeper hem dilewar, üstesine-de batyr ekeni.
– Seňňem göwräň basan ýerinden ýeriň ýagyny çogduryp barýana-ha meňzänok.
Gyz şeý diýip, edil çaga ýaly towlanjyrady-da, elindäki ince hem keltejik ýüpi ýere ýazdy. Çöplerini şoňa çykap başlady. Çykap bolandan soň, çöpüň orta bilinden daňdy, syrtmaklady. Soň oturyp syrtmagyň ujuny sag goltugynyň aşagyndan geçirdi-de, çep çigniniň üstünden aşyryp, syrtmakdan aldy. Galjak bolup gobsundy. Emma galyp bilmedi. Agşam aýazyna çyg çeken çöpler, gyzyň çakyndan çökderräk çykdy.
Gökböri hezil edip güldi. Gyzyň sesi naýynjar gepledi.
– Näm-ä gülýäň, ondan-a arkamdan gop ber.
– Näme etjek bolýaň?
– Eltip o çöpümiziň üstüne goşjak.
– Tur! Aýryl ýükden. Agşamlyk ikisinem men özüm öýüňize eltip bererin.
– Çynyňmy?
– Näme, öň aldan ýerim boldumy?
– Onda o çöpümizem eltip beräý-dä…
– Bolýa. Ýöne, barýançam özüňem garaş.
– Wiý, men nädip garaşaýyn, ýeke özüm.
– Ýeke özüň bolaňda näme pişik iýýämi.
– Ýog-äý, ýeke özüm-ä garaşjak-gä, onsuzam men ejeme sen hakda näme diýjegimi bilmän durun. «Traktorçy oglan» diýsem-ä birhili. «Daýy» diýäýmesem.
– Daýy diýmeseň «ata» diý, «baba» diý, «çakyry çykan bir garry» diý welin, garaş.
– Ýok, on-a etjek-gä. Çöpümizem äkitmeseň äkitme. Şu çaka

çenli sen eltip bereňok biziň çöpümizi. Bar, daşda gez! Traktoryňam bar, daşrakda sür. – Zerkäkil torsaryldy. Tosoň-tosoň edende, oýnaklap duran gözleri diýseň owadan göründi. – Adamlary gyz. Gürleşip ugrany ýaňy welin, eýemsirejek bolup dur.
– Bolýa, bolýa. Garaşmasaň garaşma. Ýöne, belliräk bir ýerde goý-da gidiber. Özüňem gaýdyp şular ýaly agyr ýük göterme, maýyp bolarsyň.
– Özüň maýyp bolarsyň.
– Ýeri bolýar, ýaňkalasyp durma-da, öýňüziň salgysyny bir ber.
– Biz Aman daýymlarda bolýas.
– Haýsy Aman?
– Aman Geldimyrat.
Zerkäkil çöpüniň ýüpüni çözmänem unudyp, aýal-gyzlaryň sesleriniň gelýän tarapyna tutdurdy. Hüňürdisini welin kesmedi.
Bu wagt ümür gutarnykly sabapdy. Tüýs: «Ümürli günüň öýläni» diýleni boldy.
…Biz ýaňy howlukdyk. Gökböriniň ýüz-keşbini aýdypdyrys-da, hüý-häsiýeti barada hiç zat aýtmandyrys.
Indi aýtsak, ol mylakatly, uly bilen uly, kiçi bilen kiçi ýaly gepleşip bilýän salykatly ýigit. Esasanam mähirli. Gürrüňdeşini derrew özüne çekip, ynamyna girmäni başarýar.
Ýöne, onuň bu häsiýetini ýaňkyja gyz nähili kabul etdikä?
Gökböriniň özi-hä ol gyza bir bakyşda aşyk bolana döndi. Uzynly gün gyzyň bir enaýyja hereketleri gözleriniň öňünde gaýmalaklap, guşuň çagasy ýaly kä «jürrüldäp», käte «jüýpülläp» çykýan sesjagazy bolsa, aňynda köwsarlady durdy. Hatda onuň gahar gatyşykly aýdan öýkeli sözlerem süýjülikli duýuldy. Uzynly gününi günüň ýaşaryna, garaňkynyň düşerine garaşyp geçirdi. Ýüregi birsyhly atygsap, nirädir bir ýana howlugýan ýaly boldy durdy.
Köpden bäri gözläp ýören ýitigini tapan dek, göwni ýap-ýaňyja kalbyna giren Zerkäkiliň keşbine tarap owsundy.

2.

Zerkakiliñ Aman daýym diýýäni köpden bäri keselbendräk ýatan adamdy. Onuň öýüni Gökböri emgenmän tapdy. Aýdyşlaryna görä, ol Zerkäkiliň ejesi Aksoltandan kiçi bolmaly. Aksoltan hut şoňa sygynybam gelipdir. Ýöne, öň özi oturan, hütdüjek jaýyny beräýmekden başga uyasyna edibilen kömegi bolmandyr.
…Traktoryň sesini eşidenden Zerkäkil aýaklary ýalaňaç «düňküldäp» das cykdy. Gökböri ýuwaş, ýöne azmly seslendi.
– A gyz, näme, öljek bolýaňmy? Bar, gir-de, köwşüňi geýip çyk.
Zerkäkil ony diňlemegem islemedi. Gaýtam:
– Ölüm bize kär edenok. Ölsegem derrew direlýämişik. Kakamam basym direljekmişin… – diýip, «jykyr-jykyr» güldi-de, çöplerini düşürmek üçin demriň üstüne dyrmaşdy.
Edil şol wagtam Gökböriniň sözlerini tassyklamakçy bolýan ýaly, golaýdaky ortasy däliz bilen ikä bölünen pessejik, palçyk jaýyň çep tarapdakysyndan Amanyň ýüregiňi endirediji üsgülewügi eşidildi.
Gökböri Zerkäkili garbap alyp diýen ýaly, plugdan düşürdi. Oňa çenli gapyda Aksoltan göründi.
– Ine-dä, şeýle-dä şü. Zyňlan «jyk-jyk» ýaly bar zadyň arasynda-da – diýip, gyzyna käýindi. Soňra ol garaňkylykda ýüzüni görübilmese-de, goltugy çöpli: – Hany, nirä goýmaly myny… – diýip, bir duran ýerinde pyrlanyp duran Gökbörä ýüzlendi.
– Gurgunmysyňyz, sag-aman geldiňizmi? Getirdiňizmi?
– Tüweleme, iş bitirdiň. Goýaý, ho-ol, tamdyryň başynda… A-ýuw, Ejeş jan, görkez gyzym tamdyryň nirededigini…
Çöp-çalam isleri biryüzli bolandan soň, Gökböri ýöremek üçin häliden bäri «tar-tar» edip işläp duran traktoryna münmäge hyýallandy. Aksoltan baryp onuň egninden aslyşdy.
– Wiý, jigi, nirä?
– Meniň adym Gökböri.
– Gökböri jan, nirä?
– Gideýin gelneje men indi. Eglensem ejem gaýgy eder.
– Aý, gaýgy edesi ýok-la, öz obamyzyň oglanysyň-da… Menem şu obaň gyzy. Gir, ine, «jazlyja» unaşam bişirdik, öçür traktoryňam.
– Ony öçürsek soň otlamasy kyn bolýa. Kän eglenmän turarynda…

Zawut ýagdan boşan çüýşäniň içine nebit guýlup, pagtadanam pelte edinen, kellesine-de haýsydyr bir döwlenmi ýa bir ýerlerden tapylyp getirilen, çäýnek gapak oturdylan «çyranyň» halys röwşensizdigine garamazdan Aksoltan myhmanynyň ýüzüni aýyl–saýyl gördi.
Garym-gatymy ýetik, üstesine ýaglyja süzme bilen aklanan unaşy içip oturyşyna Gökböri zordan eşidiler ýaly:
– Beý unaşy şeýle inçejik kesip bolýanyny birinji gezek görýän.
Adam pahyrda näme göwün bar. Aksoltan şojagaz öwgä-de pagyş-para boldy.
– Tagamy nähili?
Biri elinden alyp barýan ýaly, Gökböri çemçesini gyrasyna söýäp, iki elinem okaranyň üstüni gabsady.
– Tagamy hakda-ha gürrüňem ýok. – Ol ýene-de çemçesini eline aldy. – Ýöne aşyny şuňňaly inçe kesýän maşgala şu obada-ha bardyr öýdemok, Aksoltan gelneje.
– Aý, ilçilikdir, köşek, bardyr, bilýän dälsiň. Asyl menem şuny şu obadan öwrenip gitdim. Ejeş jana-da men öwretdim-ä. Şunam şo kesdi-dä: Taraktyrçy üşäp geler diýip, gyzyl burç atdyrynam şü…
Gökböri başyny ýaýkady.
– Tüweleme. – Soň ol geleli bäri ilkinji gezek Zerkäkiliň ýüzüne seretdi. – Dogumlyja gyzdygyn-a şo wagtam aňdym welin, edil bular süýji nahar bişirilbilýändir, aş kesip bilýändir diýip dag-a oýuma-da getirmändim.
Şondan soň Gökböri özi hakda gürrüň berdi. Mekdebi üç ýyl mundan öň tamamlandygyny, şondan bärem kolhozyň başlygy Meretli aganyň «woýenkomad» bilen gepleşip, ýeke-täk traktorçy hökmünde özüni gullukdan alyp galyp gelýändigini, ýöne, indiki geljek ýylyň ýazynda hökman gitmeli boljakdygyny aýtdy.
Ýöne, gürrüň şol ýere ýetende, Zerkäkiliň ýüzüniň üýtgäp, nepis gaşlarynyň çytylyp gitdi. Gökböri ondan bihabar galdy we Aksoltana Külal bagşyny birnäçe gezek diňländigini, şeýle-de, ol hakda, köp zatlar bilýändigini, hatda telim gezek, toýlarda gapdalynda oturyp diňländiginem, gaty bir gurply ýer bolaýmasa, toýda düşen pullaryňam hemmesini bir hülle ýaglyga

düwüp, toý eýesine gowşuryp gaýdýandygyny gürrüň berdi.
– Şoň üçinem, ine, öýümiziň goşy tüýs: – towuga ýükläbermeli-dä – diýip, Zerkäkil gözlerine ýaş aýlady. – Ile kömek etjek bolup, özüňkileriň ryskyny kemseň bolýamy? Hatam taýyň keýigi halas etjek bolup, möjegi aç goýşy ýaly.
– Goý gyzym, beý diýme – diýip, Aksoltan özüne ýaplanyp oturan gyzynyň ýüzüne gyýalap garady. Çümmüklän şekilde aýasyny onuň budunyň üstünden ýöredip goýberdi. – Oňa derek ol hakda adamlar gör, nähili ýakymly sözler aýdýar. Ýagşylykda ýatlaýarlar.
Elbetde, ol wagtlar hiç öýde-de ýalpyldap duran mebel, sowutgyç, telewizor ýa haly-düşekler ýokdy. Ýöne, her ýagdaýda-da pukara-pukara, barly-barly bolýa. Zerkäkiliň öz güzeranlaryndan kemsinýändigini aňan Gökböri assyrynlyk bilen öýüň içine göz aýlady. Ýere mazaly göwşülläp, gülleri sal-sal bolup duran keçe düşelen. Onuň işik tarapyna goşmaça hökmünde çuwalyň arkasy ýazylan.
Diwarda daşyna arzanjak gök reňkli çit matadan gap tikilen dutar asylgy dur. Bir burçda gulpsyz, kiçijik sandyk dur. Üstlerine çeker ýaly ýorgan-ýassyk barmy-ýokmy biler ýaly däl. Amanyňkyda goýýan ýa şonuňka gidip ýatýan bolaýmasalar görünýän ýerde-hä hiç zat ýok.
Zerkäkil ýaňy ir bilen Gökböriden eşiden zatlaryň gylyny gyrman ýa şo ýerde, ýa öýe gelenlerinden soň, aýdyp beren bolmaly, çünki, ugrajak wagty ol myhmanynyň ýüzüne garap:
– Sen dogry aýdypsyň, jan jigi. Hakykatdanam, ýamanlaşyksyz oba ýok ekeni. Göçüp gelenimize bir aý bolup-bolmanka menem çagyrdylar-a, kantura.
– Aý ýog-a?..
– Hüm-m…
– Näme diýdiler?
– Sen, diýdiler, çagaňa dini dessanlardaky atlardan dakypsyň diýdiler. Men: «Ony dakan adam dünýäde ýok» diýdim. «Ol ýok bolsa, sen ba. Seňňem hiläň bar-a şo çagada. Sendenem sorandyr-a, «Näme goýaly çagamyzyň adyna diýip?» Näme üçin «Nadežda» diýip, Krupskaýanyň adyny ýa-da «Klara» diýip, Setkiniň adyny dakdyraýmansyň» diýdiler. Menem oňa «Umuman-a

bu gyz enesiniň ady dakylan. Biz muňa Ejeş diýýäs» diýdim.
Gökböriniň gözleri ýaldyrap gitdi.
– Kimlerkän-aý olar?
– Bir-ä wöýelli eşikli. Şäherden gelipdir. Birem, neme, kolhozyň partorgy Aýtmät aga. «Üstüňden arza bar» diýip, ilki başlanam şol. Menem näm bolsa şol bolsuna saldym-da: «Siziň öz adyňyz-a biziňkidenem beter. Ýeke bir dini at däl-de, hakyt, dini döreden adamyň ady. Ýa «mät» sözüniň «Mämmet» sözünden, «mämmet» sözüniň «mähemmet» sözündendigini, «mähemmet» sözüniň bolsa «muhammet» sözünden gelip çykýandygyny il bilýän däldir öýdýäňizmi? Ol tarsa ýerinden turdy-da: «Aý, nadan! Dilbilmez! O wagtlar sowet ýog-a! Patyşalyk düzgün-ä o wagtlar!» diýip gygyrdy. Stoly ýumruklady. Gapdalyndaky adam ony köşeşdirdi. Jogapkäriň soragyna jogap bermek seň borjuň däl» diýdi. Ine, ertir şähere çagyryp, dykmaly ýerine dykarys welin, baý, saýrar-a diýdi.
Dogrusy men gorkmanam durmadym. Bir ellerine düşeňsoň, näme etselerem dadyňa ýetişjek ýokmuşyn diýip eşidýädim. Şeýle–de bolsa: «Ýatyp galandan atyp galaýyn» diýdim-de, beýle yhlasly bolsaň, Aýtmät aga adyňyza sowet gelensoň bir ýalňaraýmaly ekeniňiz-dä, bir toklujyk soýup, ýa dözmediňizmi? «Wladimir» diýip Leniniň adyny, «Iosif» diýip Staliniň adyny dakaýmaly ekeniňiz-dä diýdim. Onsoňam atly meseläni bir ýana goýalyň-da siz ýalňyşmaýan bolsam, hoja adamsy. Öwlat çagasy. Öwlatlar bilen palçawikleriň haýsy köprüde syrtlary kaklyşypdyr. Ýa siziň kimdigiňizi raýkomyň işgärleri bilenoklarmyka diýdim. Şondan soň wöýelli adam zatlaryny ýygnaşdyryp, gapa tarap ugrady. Aýtmät aga-da onuň yzyna düşdi. Işikden çykmanka yzyna öwrüldi-de:
– Bar ýok bol, dars daban! Gaýdybam şu mesele boýunça «Meň ýanyma geläýme» diýip, jynssyz gygyrdy. Men: «Bu mesele bilen Aýtmät aga şu wagtam özüm gelemok. Sizi göresim gelibem gelemok. Çagyrdyňyz. Ýöne sataşanymyza görä, duruň, gitmäň, siziň ogul-gyzlaryňyzyň, dogan-garyndaşlaryňyzyň çagalarynyňam atlaryny seljereliň. Beýleki öwlatlara-da birlaý garap geçeliň». Wöýelli ýerinden turdy hasanaklap!.. Gapa ýöneldi. Aýtmät aga-da onuň yzyna düşdi. – Aksoltan uludan demini aldy-

da, «ýyrş-ýyrş» etdi. – Şondan soň gulagym dynaýdy, Böri jan. Geň ýeri, şondan soň oba arasynda «Yždan», «Waraşil», «Lazar», «Kalin» diýen ýaly atlar döräp başlady. Ondan-mundan «Ejä-ä-ä, Waraşil syçdy…» «Yždan balagyma siýdi…», «Gyzym, bar, Kaliniň götüni süpür» diýen ýaly gelşiksiz sözler eşidilip başlady.
Şonuň üçindir-dä, ol çagalaryň atlary derhal täzelendi. Aýtmät aganam basmadylar welin, işinden-ä aýyrdylar.
Aksoltanyň ähli gürrüňlerini aşak bakyp diňläp duran Gökböri burnuna salyp «mydyr-mydyr» etdi.
– Oba arasy bolansoň, o zatlardan biziňem habarymyz ýog-a däl welin, ýöne seň bilen baglydyr, diýip ýadymyza-oýumyza-da düşenok.
– Aý, onuň meň bilen baglydygyny hiç kimem bilýän däldir. Men-ä hiç kimiň ýanynda aýdamok. Olaryň özler-ä asla-da aýtmazdylar. – Ol henizem bir burçda ýylgyrjyrap oturan gyzyna seretdi. – Şol zatlary dogrusy Käkil janam bilýän däldir.
…Ýüz-keşbi möjegiňkä meňzeýänem bolsa, Gökböriniň juda adamkärçilikli ýigit ekendigi barada, ol traktoryny «tarladyp» gidenden soňam eneli-gyz ikisi gürrüň edişip köp oturdylar. Aksoltanyň göwnüne iň ýaran zat – gitjek wagty Gökböriniň: «Hiç zady gaýgy etmäň, gelneje. Hemme zat gowulyga bolar. Düzelişer. Bizem ýagdaýymyzyň ýetdiginden kömek eder durarys» diýen sözleri boldy. Onuň bu sözlerine hasam Zerkäkil begendi.
Umuman, naçarlaryň ikisem hossar tapan dek begendiler. Eginlerinden agyr ýük aýrylan ýaly uludan demlerini aldylar.
…Aýaklary sansyz paltaly traktoryny kolhozyň saraýynda goýup, tä öýlerine barýança, Gökböri özüniň basym gaýynenesi bolaýmagy ähtimal bolan aýala «gelneje» diýmelimi, «ýeňňe» ýa başga bir zat diýmelimi, ine şol hakda oýlanyp gitdi. Ahyram: «Elbetde, daýza diýmeli» diýen netijä geldi.

3.

…Oglunyň işden gelenini aýak sesinden aňan Towşan süssenekläp daş çykdy.
– Geldiňmi oglum?
– Geldim eje. Akgam öýdemi?

Towşan pagsadan salnan iki otagly jaýyň maňlaýyndaky «egen–tegene» tarap elini salgady.
– Akgaň-a şoň içinde bir zatlara güýmenip otyr. Kakaňam jaýda. Ikisem iýmän-içmän saňa garaşyp otyrlar.
– Men naharly eje.
Gökböri şeý diýdi-de, «egen-tegeniň» yşyndan yşyk görnüp duran köneje gapysyny itdi.
Gapy «jygyldap» açyldy.
Tüsseläp ýanýan gara çyranyň öçügsi ýagtysyna boş peşeňlerini oklap oturan Aždar gyzyl tapan gul ýaly ýyljyraklap gapydan giren inisiň ýüzüne seredip «gübür-gübür» etdi.
– Hä-ä… inibatyr gel, geç…
Gökböri agasynyň çat maňlaýynda ornaşdy.
– Näme awa taýynlanýaňmy?
– Şeý diýseňem boljak.
Ine, hä diýmän möwsüm açylar. Gyş düşer. Birdenem «güpledip» gar ýagar welin, zatlaryň taýyn bolmasa awa çykyp bilmersiň. Ýeri, bolýa-da, hany, gür ber, özüň nähili?
Gökböriniň gözleriniň gyýtagyndan uçgun syçrady. Sesi diýseň joşgunly çykdy.
– Men-ä agam jan, awuma sataşaýdym öýdýän.
Ýüz-gözi inisine meňzäp duranam bolsa, oňa görä birneme akýagyzrak Aždar böküp ýerinden turanynam bilmän galdy.
– Aý ýog-a?..
Agasy bilen deňine towsan Gökböri, içini ýelden doldurdy-da, öküz «hyňrygan» ýaly:
– Hm-m… – etdirdi.
– Onda näme dursuň, başla-da hekaýatyňa…
Gökböri şu günki başyndan geçiren zatlarynyň barysyny başdanaýak gürrüň berdi.
– Sen onuňam özüňi gowy görenini bilýäňmi? Ynanýaňmy?
– Güman edýän. Umyt edýän.
– Olar ýaly bolsa… Gullukdan öň «şark-şurk» alaly. Toý edeli, gaýdyp geleňde öňüňden ogluň ýa gyzyň bökjekläp çykar ýaly gow-a bor.
– Ol bolmaz agam. Birinjiden-ä entek oň näme diýjegi belli däl. Ikinjidenem ol entek ýaş. Ýaňy bir on altysynda. Okuwçy.

Onsoňam meň öňümde agam barka, öýlenip bilmen-ä.
— Aý, on-a bir zat etse bordy welin… ýöne… şü… ýaş diýeniň… çatagrak ekeni-dä…
Aždar azajyk böwrüni diňläp oturdy-da:
— Onda nädeli diýsene… — Ol inisine tarap ýapyryldy. — Sen onda ýaňkyň ýaly garynja gatnawyňy goýmadajyk, ony özüňe gowy öwrenişdir. Aýtjak wagtyň diliňe badak atylan ýaly sakawlap durmazlygyň üçin özüňem oňa öwreniş. Erkin gepleşmäni öwret. Gulluga gitmeziň öň ýanam gepleş. Razylyk bererem welin, «şark-şurk» ejemi ibäris. Sen gelýänçäň hiç kim göz dikmez ýaly alajalarys.
Maslahat bitdi.
Şondan soň Gökböri kakasynyň oturan jaýyna girdi. «Hä» diýmän Aždaram geldi. Soňky döwürlerde birneme gözi kösseýişen Towşan nahar getirdi. Soň ol öz okarasynam getirmek üçin, daş işikdäki tä, gyş düşýänçä hojalyga aşhana bolup, hyzmat edýän «agyljagaza» tarap ýöneldi.
Üýşüp nahar iýdiler. Ondan-mundan gürrüň etdiler. Ýöne, oglanlar özleriniň «göleli sygyr» baradaky maslahatlaryny ata-enelerine äşgär etmediler.

4.

Gökböri agasynyň aýdyşy ýaly etdi. Aksoltanlara «zygyr—zygyr» gatnaberdi. Özem göze düşmez ýaly traktorly däl-de, pyýada gatnady.
Öňi bilenem: «Ýatymlyk gidiläýmegem ahmal» diýen bahana bilen, hut şol, ilkinji baran gününiň ertesi, daň bilen ejesinden bir syrdambitinräk, kiçiräk keçe, iki sany ýorganҫa aldy. Eltip berdi.
Işe ugrajak bolup duran Aksoltan düşekler orta güpläp düşenden:
— Heý-wa-a!.. — diýip sag eliniň arkasyny çep eliniň aýasyna urdy-da, «jak-jak» edip güldi. — Munyň näme Böri-i?..
— Büý-ä, eje, biziň bilen eýýämden goşuny birikdirip ýör öýdýän.
Ýuwaşrak aýdanam bolsa, Zerkäkiliň bu degişmesi şeýle bir

jaýdar boldy welin, hatda aýdara söz tapman aljyrap duran Gökböriniň özem ulyili bilen «wahahaýlap» güleninem bilmän galdy. Ol:

– Sowuk düşmänkä pejem guraryn… Ýa «mor» gursammykam? Aý, ýok, mora odun köp gerek bor. Onda-da kömür ýa ojar. Hiç-laý, gerek bolsa onam taparys… – diýip, özbaşyna samraýan ýaly «gümür-sümür» etdi-de, zut çykyp gitdi.

Olar ýaly kiçijik obanyň içinde o dagy näme, ondan kiçijik syrlaram iki günüň içinde äşgär bolýa.

Bu gezegem şeýle boldy:

Ýöne: «Häý şol-a bolmandyr-ow» diýen-ä bolmady. Gyz tarap-a, näme, tutuş raýona belli, atly bagşy «halk duşmany» diýlip tutulanam bolsa, onuň kimdigini bilmeýän ýok. Awçam obada sylanýan adam. Tutup gelen awuny ýeke iýen gezegi ýokdur. Häzir welin ol syrkaw. Bir gezek onuň awy ompa oturdy-da, şondan bäri ýaranok. Şeýle-de bolsa boş oturanok. Dili agraýdy. Girip-çykmasy kynaldy. Ýöne, şol bir sylagly kişiligine welin galdy.

Towşanam öz wagtynda elýetmez gyzlaryň biridi. «Äri-är bolanyň aýaly şir bor…» diýlişi ýaly, Peleň awça barandan soň, abraýy hasam artdy. Ýöne, göz boldumy, dil boldumy, gözüne gül düşdi-de, soňky wagtlarda onuň örüsi daraldy.

Oglanlaram hiç neneň däl.

Inisinden bäş ýaş dagy uludygyna garamazdan Aždaryň henize çenli öýlenmän ýörenini il-gün onuň gyzlara gözüni haladybilmän ýörendiginden ýa başga bir zatdan görenok. Sebäbini bilmänem duranoklar. Ýagny, ol uçursyz wäşi märekeman, şoh adam bolup ýetişdi. Aýdym-sazyň dagy ölemen aşygy. Esasanam Külal bagşy ýaly dessançy bagşylary gowy görýär. Külal bagşyny dagy goňşy obalaryň haýsynda bolsa-da, gidip diňläp gaýdardy. Goňşy raýonlara gidýän gezeklerem bolman duranokdy.

Onuň öýlenibilmän ýörendigininiň esasy sebäbi ana, şol! Çünki, ol özüniň aljak gyzynyňam ýeke bir ýüz-keşbiniň däl, wepadarlygynyňam, mähir-muhapbetliginiňem edil, şol dessandakylar ýaly bolmagyny isleýär. höwes edýär. Tapybilmän kösenýär. Ejesiniň tapýan gyzlarynyň daga ýekejesine-de göwni

ýetenok.
Ýöne, dessanlaryň içinden çykyp, göz öňünde gaýmalaşyp ýören Zöhredir – Senemiň, Hüýrlukgadyr – Saýadyň haýsam bolsa birine, haçanam bolsa birmahal duşjakdygyna, onuň bilen durmuş gurup, çoh-çoh döwranlar sürjekdigine welin ynanýar.
Gökböri babatda hem oba adamlary gowy pikirde.
Hemmesiniňem ady çöl haýwanlarynyňka gabat gelip duransoň, käbir diline şeýtan siýenleriň oýunmy-çiglik bilen – ýöne özleri ýok ýerde – «haýwanlar» diýäýdiklerem bolaýýar.
Ýöne, birinjiden-ä ol lakam oba arasynda gaty bir ýörgünli däl, ikinjidenem şony aýdan adam gaty bir halanmaýar.
…Wagtyň geçmegi bilen Zerkäkilem günsaýyn ese-boýa galyp, göze göründi gitdi oturdy. Ýüzi nurlandy, gözleri jöwherlendi. Boý aldy. Saçlary ösdi, reňk açdy. Ýaňaklary al öwüsdi.
Bu ýagdaý Gökböriniň oňa bolan yşgyny hasam joşdurdy. Her gezek gürleşende öňküsine görä oňa bir daban golaý durasy, egnini–egnine kaklyşdyryp, agzyny-agzyna golaýladasy, ysyndan ganasy, saçlarynyň ujuny oýnasy, nähilem bolsa bir hoşnutdan gelen ýakymly söz aýdasy, mähribanlyk bildiresi geldi.
Emma, terbiýesi gaty düýpden bolan gyzyň gaşlaryny çytyp, gözleriniň içine gazaply garamagy, dodajyklaryny çommaldyp bir zatlar diýmäge synanyşmagy bilen Gökböri gepsiz-gürrüňsiz gaýra çekilýärdi we howul-hara hoşlaşyp, gitmek bilen bolýardy.
…Hä diýmän onuň gulluga gitmeli wagtam gelip ýetdi.
Agasynyň öňden edip goýan sargydyna görä Gökböri ýaňky ýaly ikiçäk duşuşyklaryň birinde Zerkäkiliň çat maňlaýyna geçdi-de:
– Özüň bilýäň, Käkil, men basym gitmeli. Üç ýylam az zat däl. Senem basym mekdebi gutararsyň. Mugallymlar seni öwýärler. «Gowy okaýa, instituta gitse, alymam bolar şo… gyz» diýýärler – diýdi. – Eger-de hyýalyň bar bolsa, men garşy däl. Esasy zat seniň maňa garaşmagyň. Men ana, şony soraýyn diýdim. – Ol Zerkäkiliň göni iki gözüniň içine seretdi. – Hany aýt, garaşarmyň?
– Bilýän dälsiň-ow, şony…
– Aý, bilemde-de, diljagazyňdanam bir eşidip gideýin.
Gyz aýagyndan jüpläp tutulanyny ýokuş gören torgaý guş ýaly,

çürnüjegini çommaldyp «jüýpül-jüýpül» etdi.
– Onda menem ejemden sorap göreýin.
Gyzyň bu sözüne Gökböri garaçyny bilen kejikdi.
– Aý, senem-ä! Ol näme bilmän durmy?
Zerkäkil Gökbörüni bilgeşleýin gyjady.
– Aý, şonda-da diljagazyndan bir eşidip galaýyn.
Gökböri utulanyny bildi. Çep aýagyny «tarp» etdirip ýere urdy.
– Ýeri, bolýa-da! Ýöne, uzaklaşdyrma. Wagt az.
…Şondan ylaýyk üç gün geçensoň, Gökböri günortanaralar kontora barýarka, mekdepden çykyp gelýän Zerkäkil bilen pete-pet gabat geldi.
– Nätdiň, soradyňmy?
Gyzyň dodajyklary çalaja gymyldady.
– Howwa.
Gökböri öňküsindenem howlukmaç gepledi.
– Näme diýdi?
Entegem «dähedem-dessemläp», ýigidiň duşundan ötüp barýan gyz diňe şondan soň säginde-de, aşak bakyp, gyzaryp durşuna birenaýyja seslendi.
– Şonam bileňokmy? Elbetde «howa» diý. «Garaşaryn diý». Ömrüm ötýänçä garaşmalam bolsa, garaşaryn diý», diýdi.
Hoş habara ýaňy bir gulaklary gabaryp, gökje gözleri ýitelip ugran ýigidi gyzyň soňky sözleri serpmeden gaýdan ýaly etdi. Ozaldanam garaýagyzrak ýüzüne kül sepilen ýaly boldy. Geplände dili diýenini etmejek boldy.
– O… O-da gowusyny etjek b-bolandyr… gowy zat aýtjak bolandyr welin, beý diýmeli däl ekeni…
Ýigidi begendirendirin öýdüp, «dylmyldap» duran gyzam birhili boldy.
– Hä? Näme? Näme bolupdyr? O sözüň nämesi bolmandyr?
– «Ömrüm ötýänçä» diýen sözüň aňyrsynda köp zat ýatyr, Käkil.
– Näme ýatyr?
– Ömürlik aýralyk. Görüşmezlik, duşuşmazlyk, umytsyzlyk, garaz paşmajak söýginiň näumytlyklardan doly ajy pursatlary ýatyr. Hälem sen ony maňa gönüläp aýtmadyň. Aýtma-da. Ylaýym ejeň aýdany – aýdan ýerinde galsyn. Sen maňa biragyz: «Gelýänçäň garaşaryn» diýseň bolýa…

Gyzyň garaja gözlerinde ýaş göründi. Ol endigine görä edil bägülüň ýapragy ýaly ýuka hem nepis dodajyklaryny çalaja çommaltdy.
– Garaşaryn…
– Ine, munyň bolýa…

5.

Gulluga ugradyljak güni ir bilen gulluga gidýän ýigitler hossarlary bilen bilelikde oba sowetiniň jaýynyň öňüne üýşdüler.
Ugradýanlaryň arasynda Gökböriniň söýerlerem, şol sanda Aksoltandyr – Zerkäkilem bar.
Olar onda-munda toplum-toplum bolşup, özara gümür-ýamyr edişip durlar.
Peleň awçy «watdyk-wutduk» edip ogluna bir zatlar diýýär. Ýöne, ony Towşan «terjime» edäýmese oňa düşünýän ýok. Şeýle-de bolsa, Gökböri onuň «häsini» ýetirýär, baş atýar. «Bor kaka, bor, hökman şeýderin, arkaýyn bolaý» diýýär.
Näme gürrüň etjeklerini bilmän, aýaklarynyň burny bilen ýer dörjeşip, ýa-da hersi bir tarapa bakyp, şol içgysgynç hem hupbatly pursatyň basymrak geçerine garaşyp duranlaram bar.
Kelte boýly, mamadişlän goturaky ýüzi repide ýaly tes-tegelek, burnunyň çep ganaty ýirik, ýaşynyň entek ellä-de ýetmändigine garamazdan egilip ýöreýän Pirli Jomardyň gapydan «höküdikläp» çykmagy bilen, duranlaryň arasyna gaýda-gaýmalaşyk aralaşdy. Hemmeler şoňa tarap üşerilişdiler.
Pirli Jomart ugramaly ýigitleri häliden bäri ýoluň gyrasynda, ýüzüni şäher sary tutup duran araba münmeklige çagyrdy. Olar hossarlary bilen howul-hara hoşlaşyp, başly-barat araba ýerleşenlerinden soňam, çep eliniň süýem barmagyny häliden bäri arabaň erňeginde joňkaryp, «starta» garaşýan sportsmen ýaly Pirli Jomardyň ýüzüne «jiňkerilip» oturan arabakeş Seýitjan aga harbylarça komanda berdi.
– Sür!..
Seýitjan aga çep elindäki jylawy çalarak silkdi-de, sag elindäki kelte saply, gök tasmadan ýasalan uzyn gamçysyny

onsuzam däbşenekleşip duran ýabylaryň depesinde «şuwwuldatdy».
– Çü-ü-ü-ýf!..
Araba ala şakyrdy bolup ýola düşdi. Heniz oturyp ýetişmedik ýigitleriň arasynda onuň zarbyna çiňarkan gaýdanlaram boldy. Muňa ýigitler hezil edip gülüşdiler. Hatda gyýlyp duranlaryň arasynda-da biliner-bilinmez ýylgyranlary boldy.
Ejesine ýaplanyp duran Zerkäkiliň hamsyganyny, adatça, onuň şorta söz aýtjak wagty birenaýyja çommalyplar gidýän dodajyklarynyň bolsa, «kemiş-kemiş» edýänini welin, hiç kim aňmady. Çünki şol wagt şolaryň hiç biriniňem haly şonuňkydan ibaly däldi.
…Gidenine ylaýyk iki aý diýlende Gökbörüden üçburçlyja, ýüzüne: «Солдатское письмо бесплатно» diýlip möhür basylan hatjagaz geldi.
Ol özüniň Belorussiýa, onuňam Belowož sümme tokaýlyklarynyň bir çetindäki kiçijik şäherçede gulluga başlandygyny habar berýärdi.
Özüniňkileri ýeke-ýeke ýatlap çykanyndan soň, ol «Aksoltan daýzalara-da salam aýdyň» diýip, ýazypdyr.
Bu – oňa Aksoltanyň öz eden pendi. Ýagny, ugratjak wagty ol maý tapyp, özüniň gelejekki giýewsine: «Adyna hat ýazyp, suwjuk çözler bilen gyzy uýada goýup ýörme, Böri jan, öýüňize ýazaňda bize-de salam aýt, boldy şol. Biz düşüneris» diýipdi.
Asyl ol başda-da Gökbörä: «Halaşdyňyz, taň etdiňiz. Men garşy däl. Birentekleri ýaly duşuşjak, öpüşjek bolup, harabadan-haraba bukdaklaşyp, haýatdan-haýata bukulyşyp ýörmäň. Şü öýde, men gözümiň alnynda görşüp, gürleşip ýörşüňiz besdir. Şeýtseňiz soň durmuş süýji bolar. Gadyr-gymmatyňyz artar» diýipdi.
Zerkäkiliň özem şol düzgüni kem görenokdy.
Soňabaka muňa Gökböriniň özem öwrenişdi. Pynhan sakladygysaýy söýgüsiniň has möwç alýandygyny duýdy.
…Onuň iberen salamy şol gün agşam eneli-gyz üçin ullakan şatlyk boldy. Begençlerine bir wagtlar, bir ýerlerde bukup goýan bir düwür gantlaryny çykaryp, tä ýarygijä çenli süýjüli çaý içdiler. Ýekeje gezek ady tutulmadygam bolsa, bu üýtgeşik çaý içişligiň kimiň hatyrasyna gurnalandygyny eneli-gyzyň

ikisem juda ýagşy bilýärdiler.

6.

Şeýdip, aradan bir ýarym ýyldanam gowrak wagt geçdi.
Bir günem, güýz aýlary bolsa gerek. Towşan gum içindäki daşgynrak garyndaşlarynyň biriniňkä toýa gitdi-de, «gyzyl tapan gyrnak» ýaly ýyljyraklap geldi. Gelşi ýalam egen-tegeniň içinde kakasy bilen çaý içip oturan ogly Aždaryň ýanyna girdi. Onuň elindäki içi eşrepi ýaly gyzyl hem gyzgyn çaýly käsesini garbap diýen ýaly aldy-da:
– Men-ä ahyr seniň ýitigiňi tapandyryn, jan oglum… – diýdi. «Şirp» etdirip bir gyrasyndan çalarak owurtlady. – Edil, şolar ýaly gyzyň bir ýerlerde bardygyny bilip garaşan ýaly-da sen…
Peleň awçy bir zatlar diýdi. Onuň bir wagtlar Aždaryň Gökbörä: «Seň halanyň bilen ol göwnejekmişinmi» diýşi ýaly, adatça aýdylaýmaly zady aýdandygyny Aždar-a çak etdi, esasy dilmajy bolan Towşan bolsa magat bildi.
Şonuň üçinem ol demi-demine ýetmän, «has-has» edip oturyşyna:
– Göwnär, näme göwnemän! Meň Aždarym ýaly ýigit tapsa göwnemejek gyz bolmaz. Onsoňam men eýýäm olaryň agyzlaryny ysgadym. Görgüliler ogul-gyzlaryny basymrak ile-güne goşubilseler kaýyl asyl. Ho-ol, geçhä-geçlikde baýlar bilen Eýrana, ondanam Owgana geçenler bar-a, ana, şular-da, şolar. Ynjalman gaýdypdyrlar… Esasanam gyzlary ýetişenden soň bilipdirler, ýalňyşanlaryny… – Ol indi ogluna tarap öwrüldi. – Gyz welin gyz jan-da! Şoňa göwnüň ýetmese hiç kime-de ýetmez.
Peleň awçy bir zatlar diýdi.
Towşan başyny ýaýkady.
– Ýok, toý edenler olar däl. Toý edere bu wagt olaryň ýagdaýlaram ýok. Zordan özlerini atypdyrlar. Watan küýsäp gaýdypdyrlar. «Özümizi şo topraga, iliň-günüň içine atsak bolýa, galanynyň bir alajy bolar…» diýipdirler. Hökümet rugsat berse, oba siňäýmek hyýallaram ýok däl…
Aždar gorsanyp ugrady.
– Eje, sen maňa birinjiden-ä olaryň salgysyny ber, ikinjidenem barar ýaly bir bahanajyk tap.

– Wiý-ý… Bahanaň-a honha, Habyp daýyň toýuny gutlap barybermeli. Galanyny olaň özleri oňararlar. Aýdyp gaýdandyryn…
«…Iki günde gelerin» diýip giden Aždar üç gündenem köp eglendi. Aýdyşyna görä, Habyp daýylary oň ejesiniň aýdyşyndanam gowy garşylapdyrlar. Gyz bilen emin-erkin duşuşdyrypdyrlar, gürleşdiripdirler.
Netije garaşylyşyndanam gowy bolupdyr. Aždar-a gyz entek günortanaralar eli setilli suwa geçip barýarka, gara öýüň gözeneginden görkezişleri ýaly: «Tü-üýs, meň diýýän gyzym şü…» diýip, duran ýerinde «diriň-diriň» böküberipdir. Ony telim wagt bäri gözläp ýörendigini duşuşyk mahaly gyzyň özüne-de aýdypdyr.
Gyzam gaty bir geregini artdyrjak bolubam durmandyr. «Tas ýat illerde galypdym. Hern-ä öz ilime gowuşmak nesibäm bar ekeni. Şoňa-da şükür. Toýa gelende ejeňem ejem daga duýdurypdyr. Gowy gyzyňyz bar ekeni, garyndaşlygy täzeläýsek ýagşy bolardy» diýipdir. Biziňkilerem «Nesibedir, göreli, näwagt, näzamana, soraşyp ideşeli, ýaşlaram görüşsünler, birki agyz söz alyşsynlar. «Soňky gün «Meni öz eliňiz bilen ýakdyňyz» diýmesin» diýipdirler. Ine, bizem duşuşdyk. Men-ä garşy däl. Senem şol pikirde bolsaň, bar-da aýdaý, gelibersinler.
Daşyndan seredeniňde diýseň dymma görünýän gyzyň edil erkek adam ýaly mert, pert-pert gürläp durşy Aždary diýseň hoşuna geldi. Gyzyň akýagyz, daýaw göwresine gelşik berip duran çomuç deý bilekleri, kösük deý barmaklary, her sözünde yranjyrap, dem alanda özüne tarap owsunjyrap gidýän gaba göwüsleri, ak alkymyň üstünde hasam gara görünýän örümli saçlary, balkyldap bäri bakanda nazaryny sowmaga mejbur edýän ala gözleri welin, bir demde Aždary otlara salyp, ýüreginiň ysgynyny alan, şunça ýyllap nähili agyr ýüküň yşgynda gezendigini bildiren bolsa gerek, çünki, ol dolanyp gelende gidendäkisinden has sus geplemezek bolup geldi. Ýygy-ýygydan sowuk demini aldy. Zol-zol guma, düýn-öňňinjik gidip gelen ýoluna tarap garady. Basymrak toý sähediniň bellenerini, ejesiniň diňe şol hakda gürlemegini isledi.
Towşan ýene ýyl ýarymjyk garaşyp, Gökböri gelenden soň goşa

toý etmek baradaky girizen teklibini halamady. Kakasynyň: «Ýok! Hudaý maňa aýratynlykda iki ogul beripmi, toýlarynam aýratynlykda tutaryn diýenini eşidip, ondan köp-köp minnetdar boldy.
Bu maslahaty hat üsti bilen Gökböräde ýetirdiler. O-da kakasynyň tarapyny tutdy. «Haýyr işi jäht tutmak gerek, toýy saklamaň» diýip ýazdy.
Şeýlelikde ol mesele çözüldi. Ýöne, her niçik hem bolsa, toýa taýýarlyk hysyrdylaram üç aýa dagy çekdi.
Ýagny, ol gyşyň orruk ortasyna düşdi.
Bolsa-da, toý ýagdaýa görä erbedem geçmedi.

* * *

Şondan soň ylaýyk bir ýyl dört aý geçenden soň, agşamlyk işden gelende Zerkäkil ylgap baryp, ejesiniň boýnuna zyňdy.
— Eje! Böri geldi.
— Öýemi? Şu ýeremi?
— Ýok, öz öýlerine.
Aksoltan uludan demini aldy.
— Hudaýa şükür. Biz indi basym siziň toýuňyzy tutarys.
Zerkäkil «ýyrş» etdi-de, uýalyp aşak bakdy. Dodajyklary çommalyp, ýaňaklary gyzardy.
Agşam Peleň awçylara gözaýdyňa baranlarynda-da, şol mesele boýunça gürrüň gozgalan wagty, Zerkäkil aşak bakyp birnäçe gezek inçejik, süýem barmajygynyň ujy bilen, keçäniň gülüni dyrmalamaly boldy.
Sähelçe wagtyň içinde ine, indi ikinji gelni dullaryna geçirmek höwesi öýüň garrylarynyňam göwünlerini göge göterdi. Emma, orslaryň: «Мы предпологаем, бог распологает» diýşi ýaly, bar zat başgaça boldy.

7.

Hut şol gijäniň özünde, daňdanaralar, gitlerçi Germaniýanyň Sowet Soýuzynyň üstüne ähtiýalanlyk bilen çozmagy netijesinde, ýeke bir Gökböri ýaly erte-birigün öýlenjek bolup ýörenler däl, eýsem Aždar ýaly ýyl ýarym mundan öň öýlenip, entek çaga

ýüzi düşmediklerem, käbir üstüni çaga basdyrmaga ýetişenlerem duran-duran ýerlerinde çakylyga-da garaşman, şähere – harby komissiriata tarap tutdurdylar we baryp özleriniň urşa alynmaklary barada arza ýazdylar.
Aždar birneme ekabyrrak bolansoň, inisi hakda komissar bilen gürleşjek boldy.
– Şu meniň inim, gullukdan düýn geldi. Üç ýylyň içinde ýekeje gezek rugsada-da gelmedi. Biziň muny öýlendirmek hyýalymyz bardy şonuň üçinem, bir aýjyk «otsroçka» beräýseňiz. Toýy sowup yzymyzdan-a ýeterdi… – diýdi.
Muny eşidip, töwerekde nobatyna garaşyp duranlar gülüşdiler.
Gökböri agasynyň bu sözüni gelşiksiz gördi. Töwerekdäkileriň gülkülerinem şoňa ýordy. Bir agaryp, bir gyzaryp durşuna dert-azar gozgalan gürrüňiň terzini degişmä tarap üýtgetjek boldy.
– Agam oýun edýär, ýoldaş komissar. Uzaga çekmez bu uruş. Asyl bir aýa ýetmezem. Men onsoň gijä galyp, ýeňişden kem paý galyp bilmen ahyry.
Komissar Gökböriniň arkasyna kakdy.
– Berekella, soldat. Molodes! Watanyň, il-günüň ykbaly terezä goýlan güni, ownuk aladalar, öý hysyrdylary, hojalyk işleri soňa goýulmandyr.
Harby komissiriatyň giň howlusynyň içi-daşy ugradýanlardan doldy. Tüýs: «Göge alma atsaň ýere düşjek däl» diýenleri boldy.
Şeýle-de bolsa, Gökböri özüniňkiler bilen ine-gana hoşlaşmaga ýetişdi. Edil öz söýerleri ýaly gujaklaşyp, öpüşip hoşlaşmasa-da, şolaryň içinde Aksoltan bilen Zerkäkilem bar.
Ugraýanlar otla münmek üçin şondan ýüz ýigrimi kilomertlik uzaklykda ýerleşýän goňşy raýona paý-pyýada gitmelidiler.
Ýoluň takmynan ýigrimi kilomertliginde «Ata» obasy ýerleşýärdi. Ugradýanlaryň aňrujy ýagdaýy bolana öz söwerlerini şoňa çenli ugratdylar. Şondan soň ymykly hoşlaşyp we diňe yzlaryna gaýtdylar. Ýigitleriň ýüreklerini bozmaklyk üçin mümkin boldugyça gözýaş etmekden saklanmaga çalyşdylar.
Ýigitler tä naçarlarynyň garalary ýitýänçä, aýdym aýdyşyp gitdiler.

* * *

…Aşgabada baranlaryndan olary ähli ýerden gelenler bilen birlikde öz hünärleri boýunça dürli şäherlere, dürli respublikalara böldüler. Aždar bilen Gökböriniňem hersini tarapa ugratdylar. Aždar bu ýerde hem ofiserlerden inisini özi bilen bir ýere ibermeklerini haýyş etdi.
– Bu ýerde on dogan bolup, ýa ähli obadaşlary bilen bir ýere düşmek isleýänlerem bar – diýip, özüne ýüz tutulan maýor garaçyny bilen düşündirdi. – Siz o ýerik ýowara gideňizok, urşa barýaňyz. Iň bolmanda bi, parahatçylyk döwrüniň gullugam däl. Her kimiň öz orny bar. Barybir o ýere baranyňyzdan soň aýrarlar. Tak çto…

8.

…Hupbatly günler başlandy. Hä diýmänem gyş düşdi.
Gazy-haşar işleri gelip ýetdi.
O-da bu ýyl eli pilli ýigitlerini urşa ugradan gyz-gelinleriň, eneleriň başyndan indi.
…Raýonyň ähli obalaryny suw bilen üpjün ederlik suw sygymy bolan ene ýabyň sakasy derýanyň dagdan çykan ýerindäki äpet uly, ýaşajyk Gün ýaly ýeke özi gyzaryp oturan gyzyl gaýanyň deňinden gözbaş alyp gaýdýardy.
Gazynyň başky çäkleri has agyr. Içi jygrama, ownuk, öl çagyl daşjagazlaryndan doly suwjaryp duran ürgün çäge gatyşykly gök läbik. Onam iki göterim dagy etmeli. Soň bişen kerpiçleriň böleklerinden, küýze döwüklerinden doly, ýüregedüşgünç her gezek «jarkyldadyp» uranyňda şol zatlara degip, piliňi «zarňyldadyp» yzyna zyňýan, beýniňe pyçak sokulan ýaly edýän, ýüregedüşgünç çäkler başlanýar.
Şondan geçensoň gazy ýeňleýär. «Çöpsyrdy» edip gidibermeli.
Gaza raýonyň ähli gelin-gyzlary gatnaşýar.
Gazy her oba çäkme-çäk, agyr ýerdenem, ýeňil ýerdenem obalara deň-derman bölünip berilýär. Soň ony her obanyň gelin-gyzlary öz aralarynda bölüşýärler. Kim ejizlese ýa ýeri bijaý agyr bolup yza galsa onda oňa beýlekiler kömekleşýärler.
Bäş-üç bolup birleşip, brigada görnüşinde işleýänlerem bar.

Odun-çöplerine, biş-düşlerine we beýleki zerurçylyklaryna sereder ýaly urşa alynmadyk, maýyp-müjribräk, golak-çolagrak, kör-kerräk ýa ýaşy ötüşenräklerden, şeýle hem arabakeşlerden, ölçegçi-hasapçylardan ybarat erkek göbeklilerem bar.
Howanyň sowukdygyna, üstesine-de dag ýeridigine garamazdan öý-öwzar ýagdaýlary öwerlikli däl. Çatma-çalmar we merthana şekilli penalar bolaýmasa başga sümelge ýok. Sümelge ediner ýaly eglenilýän ýerem däl.
Aksoltan, Zerkäkil, Aždaryň dessandan çykaryp alan gelni gelen gününden başlap, özüni obanyň iň owadan hem daýaw gelni hökmünde tanadan Hallygözel, Zerkäkiliň klasdaşy we jorasy Solmaz, onuň gelnejesi Gyzylgül dagy hem özlerini bir «brigada» diýip, yglan etdiler.
…Gazynyň ilkinji iki güni diýseň içgysganç boldy. Üçünji gün diýlende ondan-mundan özara edilýän gep-gürrüňler eşidilip ugrady. Dördünji gün alşylýan sözleriň bady gataldy. Kä ýerlerden gülki seslerem çykyberdi. Şol gün günortan arakesme wagty çaý—suw içilip, nahar iýlip bolandan soň Zerkäkiliň klasdaş jorasy Solmaz onuň ýüzüne bakyp:
— Ejeş jan, şu ýerde-de şahyrlygyňy görkezäýmeseň-ä içgussa boljak bular… — diýdi.
Şu ýerde biz Zerkäkiliň özüni obada şahyr hökmünde adykdyryşy barada birki agyz gürrüň edeliň.
…Günlerde bir gün, ýagny, Gökböri dagynyň entek uruş turmazdan öň, gulluga giden döwürleri olardan bir ýyl öň ugran Zaman atly oglandan ilki obany, soň tutuş raýony haýrana galdyran geň-taň bir hat geldi.
Öýlerine iberen şol hatynda ol özüniň gulluk edip ýören ýerinde bir ors gyzy bilen tanşandygyny, onuň bilen gowy görüşýändigini, halaşýandygyny, gullukdan soň alyp baraýmagynyň gaty ahmaldygyny habar berýärdi.
Ata-eneleri birbada-ha bu habary il-günden ýaşyrdylar. Ýöne, temeni haltada bukup bolýamy näme?
Äşgär bolan gününiň ertesi Zamanyň halaşýan gyzy Gyzylgül-ä: «Seň ýüzüň aňry bolsa, meň ýüzüm bäri! Ondanam aňryk git! Atamyň aýak ujuna git!.. — diýen ýaly ýangynly sözler bilen jogap ýazdy-da, bir demde bellisini etdi oturyberdi.

Zamanyň kakasy Mülki aga: «Gitjek! Şol köpeý ogluna iň soňky sözümi aýdyp gaýtjak!..» diýip, birbada dyzady. Ýöne, daş ýer, näbeletçilik, harjysyzlygam üstesine. Baryndan beterem täze partorg Medet aga ýanyna çagyrdy-da: «Ogluň gowy iş edipdir. Megerem, ol şol ýerde partiýa geçen bolsa gerek. Çünki, biziň kommunistik partiýamyzyň syýasaty – internasionalizm!.. Ýer ýüzünde «o millet, bu millet» diýen düşünje bolmaly däl. Seň ogluň türkmenlerden uly başlangyjyň başyny başlapdyr. A tak… bu ýerden beýdip, çişip barsaň, o ýerde seni saklaýmaklaram, işiňe seredäýmeklerem ahmal…» diýdi welin, Mülki aganyň ýap-ýaňyja–da jaýtaryp duran murty «küsserdi» ýatyberdi.
Zamanyň jigisi Solmaz welin ynjalmady. Ol derhal, aram-aram ýönekeýje goşgujyklar ýazyp ýören Zerkäkiliň ýanyna geldi-de: «Jan dogan, şoň bir «jaňkyny» döwüp bäş-üç beýt goşgy ýazyp bersene, meň adymdan» diýdi.
Bar zatdan habarly Zerkäkil birmeýdan böwrüni diňläp, gözüni süzüp oturdy-oturdy-da indi öňküsine görä-de birneme terlenen, ýukaja dodaklaryny adatdakysyndanam has çommaldyp: «Bo-o-or…» diýdi.
…Ilki söýgülisinden, soňam jigisinden baran howsalaly hatlar, haýbatlar, zarynlap ýazylan goşgular asuda gulluk edip ýören ýigidiň aňkasyny aşyrypdyr. Bir bulaşyklygyň bardygyny aňypdyr.
Şonuň üçinem, ol bar zady bolşy-bolşy ýaly edip komandirine aýdypdyr we öýlerine gidip geler ýaly rugsat sorapdyr.
…Ol gelen gününiň ertesi bar zadyň anygyna ýetdi.
Görlüp oturylsa, Gyzylgüli obadan başga bir oglanam halaýan ekeni-de, soňunyň nirä baryp direjeginem, asla, edýän hereketiniň netijesidiginem oýlaman, ur-tut garaçomaklyga ýüz uraýypdyr. Şol haty Zamanyň adyndan ýazypdyr-da, baryp raýonyň poçtasyndan ugradaýypdyr. Üçburç bukjanyň ýüzündäki nireden ugradylandygyny, nirä gelendigini görkezýän möhürjige seredäýmek welin, hiç kimiň kellesine gelmändir.
Garaçomagyň işine ilki obanyň komsomol guramasynyň umumy ýygnagynda, soňam komsomolyň raýon komitetiniň býurosynda seretdiler.
Gyzylgül ýene-de işjeňlik görkezdi.

Ol oba ýygnagynda-ha işiň magadyna ýetmän, harly hat ýazandygy üçin, Zamandan ötünç sorady. Býuroda-da prezidiumyň öňünde müzzerilip oturan günäkäriň ýüzüne tüýkürdi-de: «Düýe bolup ölenimde-de saňa bir çemçe çorbamyň ýetmejekdigini bileňokmydyň, nejis!..» diýdi. Soňam prezidiumyň ortarasynda oturan ýülmejik, ýaş leýtenanta ýüzlendi.
— Şuň içini ýakyp, men şu günüň özünde Zamana durmuşa çykjak. Toý tutjak. Şonuň üçinem onuň rugsadyny uzaltmaga ýardam etmegiňizi sizden haýyş edýärin — diýdi.
Şeýdip, duýdansyz turan topalaň toý bilen tamamlandy.
Zamanam, Gyzylgülem günäkäri suda bermediler. «Ýaman öz pälinden tapar» diýdiler. Kyýamata goýdular.
Metbugatda çykmadygam bolsa, Sowet hökümediniň syýasatyna — internasionalizme ters gelýän goşgular ýazandygy üçin, býuroda Zerkäkilem bir «şarpyjak» datmaly boldy. Ýöne, ýoluny beklemediler. «Aýdylany gaty görme. Tankydy dogry kabul et. Özüňem durmuşda gowy zatlary görjek bol. Ýurduň ösüşleri, partiýanyň öňdebaryjylyk roly barada ýaz. Raýon gazetine-de, merkezi gazetlere-de ýaz. Ýazyber! Çünki, ýaşlar bizde uly güýçdür. Ýoldaş Stalinem şony diýýär. «Gelejek ýaşlaryň elindedir» diýýä» diýdiler.
Zerkäkil dogrusy olaryň näme diýýänlerine-de, näme hakda wagyz edýändiklerine-de düşünmedi. Kejeleşjegem bolmady. Goşgy ýazmasyny welin, goýmady. Aýdyşlary ýaly käbir zatlar barada, käýarym raýon gazetinde çykyşlaram etdi.
Halk welin onuň ol goşgularyny däl-de, agasy üçin Solmaza ýazyp beren, býuroda tankyt edilen goşgularyny alyp göterdi.
Hususan-da, gelin-gyzlar özara oturylyşyklarynda, ümelerde, arabaly işe ýa başga bir alada bilen gidenlerinde kä ýeke-ýekelikde, käte bolsa bilelikde aýtdylar. Şol döwrüň gelin-gyzlary şol aýdymlary soň-soňlaram hatda ýaňy-ýakynlara çenlem, biri-birlerine gabat gelen ýerlerinde iň bolmanda adaja hiňlenip aýtdylar welin, aýtdylar.
Olar umuman, şu beýtlerden ybarat bolmaly:

Alaýmagyn orsýetiň gyzyndan,
Göwnüň gidip tutaýmagyn bilinden,

Köýnekleri bardyr egri dyzyndan,
Alan bolsaň taşlap gaýdaý, doganym.

Alan gelniň otur diýseň oturmaz,
Tamdyrlardan mele petir getirmez,
Aýagyna gülli jorap ötürmez,
Alan bolsaň taşlap gaýdaý, doganym.

Ors alsaň gara däldir, garagy,
Depesine sanjylandyr daragy,
Dini başgaň aýra bolar ýüregi,
Alan bolsaň taşlap gaýdaý, doganym.

Säher turup sary saçyn darar ol,
Ýumuş buýrsaň gahar bilen garar ol,
«Tufli» geýip dürk-dürk edip ýörär ol,
Alan bolsaň taşlap gaýdaý, doganym.

Gyzlar bu goşgulary gazal aýdan ýaly owazlandyryp, üýtgeşik bir zaryn ses bilen aýdýardylar. Esasanam her beýdiň soňky sözüni: «do-ga-ny-y-m-eý…» diýip, ýüreklerinden syzdyrýardylar.
Zerkäkiliň şahyr hökmünde adykmagyna sebäp bolan waka, ana, şol.
Joralary Solmaz başlyklaýyn indi onuň gazyçy fronta giden ýigitler barada ýazmagyny islediler. Öňki ýaly syýasata ters gelmezligi üçin, ony eýtmeli, muny beýtmeli, diýip düşündiriş işlerinem geçdiler. Zerkäkil uzak garaşdyrmady. Guşluk ýa günortan çaýa, nahara çykanlarynda, agşam işden soň tä ýatýançalar ol gazyçylara kä oturyp, kä ör turup, kä hiňlenjiräp, kä labyz bilen goşgy okap berdi.
Gazuw geçirilýän çäklerdäki hereketler güýçlendi.
Gelin-gyzlar Zerkäkiliň goşgularyny derhal ýat tutýardylar-da, hersi öz işlän ýerinde aýdyma edibem gygyryberýärdiler.
– Ejeş jan, täze goşgy goşmadyňmy?
– Agama iberer ýaly iki beýtjik düzüp bersene. – diýen ýaly haýyşly sözler, soňundanam, «Ömrüň uzak bolsun, köp sag bol!», diýen ýaly alkyşly sözler eşidýärdi.

Erkeklerdenmi ýa zenanlardanmy – ýöne gyzlardan-a däl – bir doň ýürek tapyldy-da, «Ejeş gazyçylary güýmeýä, işi bökdeýä, päsgel berýä» diýen meseläni orta atdy. Emma ony goldan bolmady. «Kime ýaramaýan bolsa, gulagyny dykaýsyn» diýdiler.
Bir söz bilen aýtsak, Zerkäkiliň bitiren şol işleri ýeke bir tyl üçin däl, frontdakylar üçinem goşmaça, uly güýç bolup hyzmat etdi. Çünki onuň şol kyn pursatly günlerde, ýüreginden çykaryp ýazan goşgularyny kim ýaryna, kim ärine, kim doganyna, kim ogluna günübirin ugratdy.
Gönümel hat alyşmaýan bolsalar-da, onuň bu gahrymançylygy baryp Gökbörä-de ýetdi.
O-da Aksoltanyň gaharyny getirmezlik üçin, bir çetini tapyp, başga-başga ynanyşýan dost-ýarlarynyň üsti bilen Zerkäkile minnetdarlyk salamyny ýetirdi. Oňa guwanýandygyny, begenýändigini aýtdy.
Zerkäkiliň şol goşgularam edil öňkileri ýaly uzak ýaşady. Käbirlerini dagy «Ýeňşiň ýigrimi bäş ýyllyk, otuz ýyllyk» baýramçylyklarynda şahsy arhiw materiallary hökmünde merkezi gazetlerde-de çap edildi. Olar hakda makalalar ýazyldy.
Ine, olaryň şu günki güne çenli gelip ýetenleri:

Agam jany gözläp saýyllar boldum,
Allanyň edenne kaýyllar boldum,
«Dogan-dogan» diýip şaýyrlar boldum,
Iller Alla diýiň, gidenler gelsin.

Ugradyp gitmedim «Ata» barýança,
Gürleşip bilmedim mährim ganýança,
Gözlerim ýoldadyr gaýdyp gelýänçä,
Iller Alla diýiň, gidenler gelsin.

Prontdadyr, agam janyň oýnagy,
Egnindedir «sary kirpik» köýnegi,
Dagy ýarar gyr atynyň toýnagy,
Iller Alla diýiň, gidenler gelsin.

Paý-pyýada pront sary ugraryn,
Baryp kemendirden agam soraryn,

Kemendirem agam jany bermese,
Ýaka tutup, bir Alladan dilärin.

Jam börük bar agam janyň başynda,
Arman oňa keşde salyp bilmedim,
Çep çignine düşen gyltyz ýaranyň,
Bitenini, bitmänini bilmedim.
* * *
…Otly gelýä çyraly,
Içi doly ýaraly.
Serdarymyz Ysdalin,
Paşistleri gyraly.

9.

…Howwa, uruş gidip durdy. Ol hernäçe alysda bolsa-da, ýalnynyň howry Garagumuň iň bir çetki obalaryna çenli gelip ýetýärdi. Tyldakylaryň ýüzlerine çabraýardy. Halk onsuzam hor, açdy. Hususanda ekleýjileri fronta giden köp çagaly eneler horlanýardylar. Açlyklaryndan ölmezleri ýaly okuwçylara her gün günortan mekdepde ýarma bişirip berýärdiler. Halk welin, ruhdan düşmeýärdi. Gaýtam, gzyndan artdyryp, egnindäkini çykaryp, şaý–seplerini sypyryp fronta iberýärdi.
Haýatlaryň, diwarlaryň ýüzüne goýy, gyzyl reňk bilen ýazylan: «Gitlere ölüm!», «Ýok bolsun uruş!», «Faşizme nälet!», «Biz ýeňeris!», «Ýaşasyn Stalin!» diýen ýaly şygarlary görmek bolýardy.
Ýöne, hemişe-de bolşy ýaly, iliň şeýle aglak wagty doňuz dek depä çykmagy gowy görýänlärem tapylýardy.
…Bir wagtky gulluk edip ýören esgeriň durmuşyny tas, bulaşdyran «garaçomagam» şolaryň hilinden bolup çykdy.
Dogry, o-da urşa Gökböri dagy bilen edil bir günde bolmasa–da, deňeçerräg-ä gitdi. Ýöne, gidişi ýalam elini boýnundan asyp, dolanyp geldi.
Şondan biraz soňrak, bir aýagyny aldyryp gelen başga bir frontçynyň aýtmagyna görä, urşuň ilki döwürlerinde öýüne gaýtmak üçin, elinden atyp, öz-özüni ýaradar edýänler bolýan ekeni. Ýöne, olaryň bu emelini harby wraçlar basym aňypdyrlar.

Şondan soň «dezertirler» elleriniň daşyna öl-myžžyk edilen keçe we letde böleklerini orap atypdyrlar. Ýöne, onuňam üsti açylypdyr. Çünki, her zat etseňem, ýakyndan atylan bilen daşdan gelýän onuň bedene edýän täsiri deň bolmaýan ekeni.
«Dezertirlerem» gaýtmyşym etmändirler. Iki bolup dilleşip, biri-birlerini bellibir aralykdan atyp başlapdyrlar.
Uzaga çekmän, onuňam üsti açylypdyr.
Şondan soň front ýolbaşçylary bu hadysa bilen çuňňur gyzyklanyp ugrapdyrlar.
Habar baryp hut Staliniň özüne ýetipdir. Ol: «Uruş başlanaly bäri kim elinden ýaralanyp öýüne goýberilen bolsa, täzeden barlamaly, eger-de ýara hakykatdanam «galp» bolup çyksa, gözümiz bilen-ä göremzok welin, «dezertir» halk duşmany hökmünde, süýtsiz-gatyksyz duran ýerinde tama söýäp atmaly, ony halk içinde «bigaýrat», «namart», «Watan dönügi» diýip yglan etmeli, masgaralamaly» diýen ýaly buýruk çykaranmyşyn» diýip, hopugyp-hopugyp gürrüň beripdi.
Hak ady Gandym bolan garaçomagyň uruşdan gaýdyp geleniniň yz ýanlary raýon harby komissarlygyndan gelen üç adamyň ony ilki kolhozyň kontoryna çagyryp, soň raýondaky otrýada äkidip telim günläp, näme üçin sorag edendiklerine, köne ýarasyny «rentgenden» we başga-da birnäçe medisina barlaglaryndan geçirendiklerine oba adamlary diňe şondan soň düşünip galdylar.
Ýöne, ol hakykatdanam «dezertir» ekenimi ýa däl, ýöne uruş başlandan tä soňuna çenli «bron» boýunça kolhozyň baş hasapçysy bolup oturan, hatda kolhozyň başlygy sylagly ýaşuly Begli aganyň ýanynda-da gepi ýöreýän agasy Çerkeziň arkasyndan «aklandymy», garaz hiç hili gep-gürrüň-ä bolmady.
Hiç kime hiç zat äşgär edilmedi.
Syr syrlygyna galdy. Powestler